# Bulaşyklyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bulaşyklyk BULAŞYKLYK



A men munda peýwagtyna ýaşamok,
Soralyp dur her nepesiň üssesi.
Demim gysyp, ýolum ýapýar dumanlap,
Özgesiniň keýpin gören tüssesi.
Durmuş gitdigiçe çigilýär düwnsüz,
Gaýalar kertleşýär bolmaz dyrmaşyp.
Çyrmaşyklar bag bolmansoň saralyp,
Heläk bolýar bir-birine çyrmaşyp.

Bultlar garalsa-da ýaganok çöle,
Suwdan alyp ýene suwa guýup dur.
Dagsyz düzde uly-uly tokaýalar,
Mahal-mahal ýer titreme duýup dur.

Düýeguşlar gök asmanda uçýarlar,
Serçeler kösenýär ýerde ganatly.
Çekirtgeleň aýagynda gandal bar,
Bulaşyklyk.
Bu ne beýle halat bu?!

Gursak käte çydap bilmen partlaýar,
Şonda hem arzymy aýdýaryn ýele.
Ondan aňry milt edenok ýüregim,
Ätlesem bu göwräm goşuljak ýere.
Ah, dişler gysylýar ýene…

Ahmet ARAZOW Goşgular